# Eýran hünärmeni Aždar Takizade: Režimiñ tarapdarlary Hamaneýiñ ýerine adam gözleýär

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025

Eýran hünärmeni Aždar Takizade: Režimiñ tarapdarlary Hamaneýiñ ýerine adam gözleýär EÝRAN HÜNÄRMENI AŽDAR TAKIZADE: REŽIMIÑ TARAPDARLARY HAMANEÝIÑ ÝERINE OTURTMAK ÜÇIN BIRINI GÖZLEÝÄRLER



19-njy maýda prezident Ibrahim Reisiniñ wertolýot heläkçiligine uçrap aradan çykmagy bilen 28-nji iýunda birinji, 5-nji iýulda bolsa ikinji tapgyry geçirilen prezident saýlawlarynda alty kandidatyñ arasyndan Mesut Pezeşkiýanyñ saýlanmagy dünýäde gyzgyn seslenme döretdi. Hususanam Eýranyñ türki milletlerden bolan saýlawçylarynyñ Pezeşkiýany

goldamagynyñ pikiri alşylýar.
Eýranyñ Azerbaýjan welaýatlarynyñ hak-hukugy ugrunda kyrk ýyl bäri göreşip gelýän Aždar Takizade ýurduñ içindäki üýtgeşmeleri ýakyndan goldaýan raýat-jemgyýetçilik guramasynyñ başlygydyr. Günorta Azerbaýjan Demokratik Türk bileleşiginiñ başlygy Aždar Takizade Şwesiýadan biziñ soraglarymyza jogap berdi.

**uruşlary-da barha güýçlenýär»**

«Şu ýylyň başynda bolup geçen parlament saýlawlarynda gatnaşygyň garaşylyşyndan has pes bolmagy režime iň uly urgyny beren bolsa, boş orunlar üçin geçirilen saýlawda gatnaşygyň hasam pes bolmagy kosmetiki üýtgeşiklikleriň hiç hili peýda etmejegini görkezdi. Tähran režimi bu ýagdaýdan gorka düşdi. Çünki ýurduň içindäki ykdysady kynçylyklara çykalga tapyp bilmän ýörkä, režimiň Ýakyn Gündogarda we Pars aýlagy sebitinde bäş ýerde uruş yglan etmegi Günbatar dünýäsi bilen öňdenem problemaly ýagdaýlary gatnaşyklary hasam çylşyrymlaşdyrdy. Liwandaky, Palestinadaky, Ýemendäki, Siriýadaky, Yrakdaky pyrryldaklary bilen çäklenmeýän bu režimiň terrorçylygy goldamak boýunça artykmaçlyklary Argentina we hatda Waşingtona çenli uzaýar. Bikanun ýollardan Hytaýa we başga ýurtlara nebit satmaga belli bir derejede ukyplydygyna garamazdan, çagşan ykdysadyýetini aýaga galdyrmak mümkin bolmajaga meňzeýär. Şonuň üçinem režim kanunylygyny-da ýitirdi. Dini lider Seýit Ali Hamaneýiň öte garrandygy sebäpli başdan geçirýän ýarawsyzlyklary režimiň ýagdaýyny hasam kynlaşdyrýar. Şonuň üçin režimiň tarapdarlary Hamaneýiň ýerine oturtmak üçin adam gözleýärler. Emma sistemanyň içindäki dürli güýç toparlarynyň arasyndaky bähbit söweşleri-de barha güýçlenýär we ideologiki döwlet derejesindäki Eýran Yslam Respublikasynyň geljegine abanýan howp-hatarlary artdyrýar».

- **«Edýän işleri bilen on ikinji ymamyň gelişini çaltlandyrmaga synanyşýandyklaryny aýdýarlar»**

«Häkimiýetde on ikinji ymamyň gelmegine garaşýan güýçler hatda onuň gelmegini çaltlandyrmak isleýändiklerini aýtmaga çekinmeýärler. Şuňa meňzeş propogandalara görä dünýäde zorluk-zulumyň barha artan we çäkden-çygyrdan çykan ýagdaýynda 12-nji ymam (Ymam Mäti) hem çalt gelmelimiş. Edýän işleri bilen on ikinji ymamyň gelişini çaltlandyrmaga synanyşýandyklaryny aýdýarlar. Prezidentlige kandidaturasyny goýan Jeliliniň 13 million raýatyň sesini almagy bu toparyň ýurduň içinde belli bir derejede ses potensialynyň bardygyny görkezýär. Şeýle-de,

«kölege döwlet» hem bir ýandan galanok. Şol nukdaýnazardan alanda Jelilini bihal biridir öýtmäñ. Onuñ we daş-töwerefiniñ iñ çuñ ýerlere eli uzaýan güýçleri bar. Bu «Höjjetiýe» topary 12-nji ymamyñ geljegini bilse tutuş Eýrany otlamaga taýýar we Hamaneýiñ ýerine öz adamlaryny geçirmek üçin hatda onyñ ogly Müjteba Hamaneýe garşy hem kelle süsüşip bilýärler. Olar geçen ýyl mekdeplerde okuwçy gyzlary himiki gaz bilen zäherläp öldürdiler. Ýa-da aýap-gyzlaryñ aýaga galan döwründe kellelerine gelen her dürli eden-etdiligi edendiklerine garamazdan Hamaneý jyñkyny çykaryp bilmedi. Şonuñ üçin häkimiýet güýjüniñ azyndan 60%-niñ Rewolýusion Gwardiýanyñ harbylarynyñ elindedigini aýdyp bileris. Geçen hepdäniñ anna güni Ýemenden uçurylan we Ysraýylyñ Tel-Awiw şäherine düşen raketa hüjüminiñ arkasynda-da Rewolýusion gwardiýa bardy».

- **«Hamaneýe garaşly «Keýhan» gazeti Pezeşkiýanyñ töweregine üýşenleriñ «kontrrewolýusionerdigini», «ýalançydygyny», «amerikançydygyny» aýdyp, aç-açan aýyplama bilen çykyş etdi»**

Mundan öñ Pezeşkiýanyñ prezident bolmak kellesine-de gelenokdy. Reisiniñ wertolýot heläkçiligine uçrap aradan çykmagy onuñ ýoluny açdy. Režimiñ oña ýol bermeginiñ düýp maksady ýurduñ türki milletlerden bolan saýlawçylar gatlagyny saýlaw uçastoklaryna çekmekdi. Ençeme ýyl bäri Azerbaýjan etraplaryndan eýran parlamentine saýlanmak isleýänler köpçüligiñ öñünde türkiçiläp birnäçe söz aýdanda gysga wagtlaýyn joşgun döredýär we ses alýar. Tejribeli syýasatçy bolan Pezeşkiýan hem şu meselelerde işiniñ ussady. Şonuñ üçin Pezeşkiýanyñ hut özüniñ aýdyşy ýaly Hamaneýiñ kesgitlän syýasy ugry bilen ýöreler. Ýöne ol Günbatar bilen gatnaşyklaryñ ýumşadylmagyñ we sanksiýalaryñ azaltmagyñ gerekdigini öñe sürýär. Parlamentiñ agzalary bilen birlikde häkimiýetiñ içindäki beýleki ganatlaram Pezeşkiýana garşy hyşy-wyşy edýär. Öñki prezident Hageminiñ, öñki daşary işler ministri Jewad Zarifiñ «täze hökümetiñ ministrlerini biz saýlarys» diýendiklerine garamazdan, olara üns berýän ýok. Hamaneýe garaşly «Keýhan» gazeti Pezeşkiýanyñ töweregine üýşenleriñ

«kontrrewolýusionerdigini», «ýalançydygyny», «amerikançydygyny» aýdyp, aç-açan aýyplama bilen çykyş etdi. Soňky çykyşynda Hamaneý deputatlara ýüzlenip, «parlamente hödürlenjek hökümet düzüminiň sanawynyň tassyklanmagyny» sorady. Ýogsam bolmasa, parlament diňe başlyk Kalibafdan ybarat däl ahyryn. Kalybafyň hut özü-de saýlawlara gatnaşygyň pesdigi zerarly «ýagdaýyň howp astyndadygyny» aç-açan aýdanlaryň biridi. Soňky döwürlerde öz gazetlerinde «Eýrandaky halklaryň meseleleri» temasyny düýpli tankyt edip, «Siz şaýylyga, Eýran Yslam Respublilasyna garşy çykýarsyňyz» diýip ýazdylar. Pezeşkiýanyň «pozitiw» diýip tanadylandygyna garamazdan, dini lider Hamaneýi özüne öňbaşçy hasaplamagy çaprazlyklary hasam çuňlaşdyrýar. Bu ýagdaýda hiç bir çözgüt peýda bermez; režim dargamanyň bäri ýanynda dur».

Maýis ALIZADE.

Duşenbe, 22.07.2024 ý. Publisistika